Türkmen halkynyň belli saz guraly bolan dutar Orta Aziýa halklarynyň arasynda giňden ýaýran saz gurallarynyň biridir. ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy goramak boýunça Hökümetara komiteti Türkmenistanyň milli dutar ýasamak senetçiligini hem-de dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatyny Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizdi. Asyrlaryň dowamyndan bäri, dutar türkmen medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolmak bilen, ol türkmen aýdym-sazynyň esasy žanrlarynyň ählisinde ulanylýandyr. Dutar diňe Türkmenistan döwletimizde däl, eýsem ol Orta Aziýa halklarynyň milli saz guraly hökmünde tanalýar.

Türkmen dutarynyň asyl nusgasynyň kädisi tut agajynyň içini köwmek bilen ýasalýar. Gapagy hem tut agajyndan ýasalyp, tamdyryň çoguna ýakylyp bejerilýär. Şonuň üçin hem dutara tamdyra hem diýilýär. Dutaryň iki kirşi bolýar. Şol sebäpli-de gündogar halklarynda oňa dutar diýilýär. «Du» arap-pars dilinde «iki», «tar» bolsa «kiriş» diýmekdir. Dutar barada halklar köp rowaýat döredipdirler. Il içinde şeýele bir rowaýat bar. Dutaryň piri Baba Gammar üç sany birmeňzeş dutar ýasapdyr. Soň olarda saz çalanda, geň galmaly, olardan çykýan heň dürli-dürlimiş. Bir dutardan baglaryň ýapragynyň şemal turanda çykarýan sesi, bir dutardan çeşme-çaýlaryň akyşy, beýleki dutardan çykýan heň bolsa daglara düşüp gaýtalanýan ýaň ýalymyş. Baba Gammar pikire çümen we bu täsinligiň syryny açan. Görüp oturşa, dutardan çykýan ses olaryň mekany bilen bagly bolsa nätjek. Baba Gammar dutarlaryň birini gülzarlykdan, birini dagdan, birini bolsa deryýanyň kenarynda ösüp oturan tutdan ýasan ekeni.

Dutary ýekelikde çalmak, şeýle hem bagşynyň aýdymyna sazandalyk etmek üçin ulanylýar. Dutar hem gyjak ýaly, tarly saz guralydyr. Häzirki döwürde türkmen dutarynyň ululy-kiçili görnüşleri bar. Onuň inçe ses berýän görnüşine prima, oňa görä ýogyn seslisine alt, has ýogyn seslisine bolsa bas dutar diýlip at berilýär.

Senetçilik sungatymyza goýýan çäksiz sarpasy üçin Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, belent başlary aman bolsun, tutýan tutumly işleri rowana ýollarda rowaçlyklara beslensin!

**Umar ESATOW**
**Türkmenistanyň Döwlet**
**energetika institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024